***Türkmenistanyň Jemgyýetçilik guramalarynyň merkeziniň edara binasynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli «Gülüň owadan!» atly bäsleşigiň jemleýji tapgyry geçirildi. Ol Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşi, Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi hem-de ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň Sekretariaty bilen guraldy. Bäsleşigiň jemleýji tapgyryna Aşgabat, Arkadag şäherlerinde we welaýatlarda geçirilen bäsleşigiň deslapky tapgyrlarynda ýeňiji bolan zenanlarymyz gatnaşdylar.***




Bäsleşigiň birinji şertine görä zenanlar türkmen milli keçesini taýýarlamak bilen baglanyşykly işleri ýerine ýetirip görkezdiler we keçäni taýýarlamak üçin zerur bolan gurallaryň atlary, ulanylyşy barada gürrüň berdiler. Soňra gatnaşyjylar öz welaýat aýratynlyklaryna görä, gadymy milli nagyşlary «Ak tüýnük», «Gyzyl tüýnük», «Gözenek», «Saýlan», «Gülýaýdy», «Sekiz goçak», «Gelinbarmak», «Gapyrga», «Öküz oňurga», «Gonjuk», «Hindi goçak», «Içýanagzy», «Tazy guýruk», «Saýlap», «Barmak» we başga gülleri salyp keçe güllediler.

Все права защищены



Все права защищены
save pdf date >>> 28.01.2026

Bäsleşigiň soňky şertine laýyklykda, gözellik sungaty bolan keçe bilen baglanyşykly taryhy maglumatlary, yrymlary, nagyşlarynyň, gülleriniň taryhyndan gürrüň berýän gadymy rowaýatlary, degişmeleri, gazallary, aýdyşyklary hem-de Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüni wasp edip, öz ýürek buýsançlaryny şahyrana setirleriň we çeper sahnalaryň üsti bilen ýerine ýetirdiler.

Bäsleşigiň dowamynda aýdym-sazlar belentden ýaňlandy. Ýeňiji bolanlara Hormat hatlary we gymmat bahaly sowgatlary gowşuryldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026